# ÇÖLLEŞMÄGE GARŞY GÖREŞ BOÝUNÇA KONWENSIÝA

Birleşen Milletler Guramasynyň Çölleşmäge garşy göreş boýunça konwensiýasy 1994-nji ýylda kabul edildi we 1996-njy ýylda güýje girdi. Türkmenistan ilkinji döwletleriň biri bolup, 1995-nji ýylyň 27-nji martynda Konwensiýa gol çekdi. Türkmenistanyň Mejlisi Konwensiýany 1996-njy ýylyň 18-nji sentýabrynda tassyklady.

**TARYHY:**

1992-nji ýylda Rio-de-Žaneýro şäherinde geçirilen Daşky gurşaw we ösüş boýunça halkara maslahat ösüp barýan ýurtlaryň Çölleşmage garsy göreş boýunça halkara konwensiýasyny taýýarlamagyň zerurlygy hakyndaky teklibini kabul etdi. 1992-nji ýylyň dekabrynda, BMG-niň Baş Assambleýasy Konwensiýany işläp düzmek barada gepleşikleri geçirmek üçin, merkezi Ženewada ýerleşýän Hökümetara komiteti döretdi. 1994-nji ýylyň 17-nji iyunynda Konwensiýa kabul edildi we oňa gol çekmek dabarasy açyldy. 17-nji iýun Çölleşmage garsy göreşiň halkara güni diýlip yglan edildi. Konwensiýany ilkinji 50 sany döwlet (şol sanda Türkmenistan) gol çekip tassyklanyndan soň, Konwensiýa 1996-njy ýylyň 26-njy dekabrynda güýje girdi.

**ESASY MAKSADY:**

Konwensiýanyň esasy maksady — adamyň hojalyk işi netijesinde döreýän çölleşme hadysasynyň önüni almak hem ony togtatmak we amala aşyrylyp bilinjek ýerlerde ekologik mümkinçilikleriň çäklerinde zaýalanan ýerleriň biologik önümliligini dikeltmekdir.

**KONWENSIÝANY TASSYKLAN DÖWLETLERIŇ BORÇNAMALARY:**

Çölleşmäge garşy göreş boýunça konwensiýa gol çeken taraplar – ýurtlar Konwensiýanyň 4-nji we 5-nji maddalaryna laýyklykda milli we sebit derejesinde aşakdakylary ýerine ýetirmek babatda borçlanýarlar:

- Çölleşmäge garşy göreş hereketleriniň milli maksatnamasyny işläp taýýarlamak;
- Çölleşmek hadysalaryna gözegçiligiň (monitoringiň), barlagyň we çaklamanyň milli ulgamyny döretmek;
- Ýer, suw, tokaý we öri meýdan baýlyklaryndan rejeli peýdalanmak hem-de biologik dürlüligi aýap saklamak;
- Tebigaty goramak hakyndaky kanunçylygy kämilleşdirmek;

- Ekologiýa babatda bilim bermek we ilaty, aýratyn hem oba ilatyny çölleşmäge garşy göreş hereketlerine çekmek;
- Ylmy-barlag işleriniň netijelerini önümçilige ornaşdyrmak;
- Halkara we sebitleýin hyzmatdaşlygy ösdürmek.

## ÝERINE ÝETIRILEN ÇÄRELER:

- Türkmenistan Konwensiýa goşulandan soň çölleşmäge garsy göreş boýunça hereketleriň esasy ugurlaryny işläp düzmek baradaky Hökümet Komissiýasy döredildi. Çölleşmage garsy göreş boyunça hereketleriň Milli maksatnamasyny işläp düzmekligiň jogapkärçiligi Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli institutyna tabşyryldy. Milli maksatnama 1997-nji ýylda taýýarlanyldy we Milli konferensiýada ara alnyp maslahatlaşyldy, soňra Türkmenistanyň Hökümetiniň garamagyna berildi.
- Maksatnamada ýer serişdelerini goramak babatda, şol sanda ýerleriň şorlaşmagyna, öri meýdanlarynyň zaýalanmagyna we ýerleriň çölleşmegine, topragyň ýel we suw eroziýasyna garşy göreşmegiň esasy ugurlary kesgitlenildi.
- Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli institutynyň alymlary tarapyndan Garagumyň çöl şertlerinde aklaň çägeleri berkitmegiň we tokaýlaşdyrmagyň, öri meýdanlaryny gowulandyrmagyň, ýerasty suwlary maldarçylykda we çöl ýerlerde bag ýetişdirmekde peýdalanmagyň, çölleşme hadysasynyň öňüni almagyň usullaryny işläp taýýarlamak boýunça ylmy barlag işler alnyp baryldy we netijeleri boýunça uly göwrümli kitaplar, önümçilik üçin gollanmalar we teklipler taýýarlanyp çap edildi.
- Türkmenistanyň Tokaý kodeksini, Türkmenistanyň “Ýer hakynda bütewi kanunyny”, “Öri meýdanlar hakynda” Kanunyny, Türkmenistanyň Howanyň üýtgemegi barada milli strategiýasyny we Milli tokaý maksatnamasyny taýýarlamak işlerinde çölleşme hadysalary bilen bagly teklipler berildi.
- Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasyny ýerine ýetirmegiň çäklerinde pürli, ýaprakly baglar bilen bir hatarda çöl şertlerinde sazak tokaýlary döredilýär.
- Aral deňzi bilen bagly emele gelýän duzly-tozanly ýelleriň täsirini azaltmak maksady bilen Daşoguz welaýatynda, Bötendag belentliginiň töwereginde 20 müň gektar meýdanda sazak tokaýlaryny döretmek işleri alnyp baryldy.
- Sebitleýin hyzmatdaşlygyň çäklerinde Merkezi Aziýada Çölleşmäge garşy göreş boýunça hereketleriň sebitleýin maksatnamasy taýýarlanyldy.
- “Çägeli we tozanly tupanlara we gurakçylyga garşy göreşmekde sebitleýin çemeleşmeler” atly taslamanyň çäklerinde Türkmenistan üçin “Çägeli we tozanly tupanlaryň töwekgelçiligini peseltmek boýunça Türkmenistanyň milli

strategiýasyny taýýarlamak boýunça teklipler” hem-de “Gurakçylyga garşy göreşmegiň milli meýilnamasynyň taslamasy” taýýarlanyldy.

- Dürli halkara guramalar bilen hyzmatdaşlykda 1998-nji ýyldan başlap häzirki wagta çenli 10-a golaý taslamalar ýerine ýetirildi. Bu taslamalaryň esasy maksady howanyň ählumumy üýtgeýän şertlerinde Türkmenistanda ýerleriň şorlaşyp zaýalanma we çölleşme hadysalarynyň öňüni almak, suw serişdelerinden rejeli peýdalanmak, çölüň öri meýdanlaryny we tokaýlaryny dikeltmek, miweçiligi ösdürmek meselelerini çözmekde öňdebaryjy tehnologiýalary, dünýä tejribelerini önümçilige ornaşdyrmakdan ybaratdyr.

## ÝERINE ÝETIRILMEGI MEÝILLEŞDIRILÝÄN ÇÄRELER:

- Türkmenistanyň Çölleşmage garsy göreş boyunça hereketleriň Milli maksatnamasynynyň täze, rejelenen görnüşini işläp taýýarlamak;
- “Öri meýdanlary hakynda” Türkmenistanyň kanunyndan gelip çykýan wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen, bu kanun boýunça kadalaşdyryjy hukuk namalaryny işläp taýýarlamak;
- “Öri meýdanlary hakynda” Türkmenistanyň kanunyna laýyklykda ýurt derejesinde öri meýdanlaryny tükellemek işlerini geçirmek;
- Howanyň ählumumy üýtgeýän şertlerinde çölleri özleşdirmek we çölleşme hadysalaryna garşy göreş çärelerini işläp taýýarlamak boýunça ylmy-barlag işleri alyp barmak;
- Halkara we sebitleýin guramalar bilen hyzmatdaşlygy dowam etdirmek.